THE ASHGABAT TIMES

# Aşgabat şäherinde çagalar sungat mekdebiniň täze binasy gurulmagy meýilleşdirilýär

2024-nji ýylyň 21-nji iýunynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde Aşgabat şäherinde çagalar sungat mekdebiniň täze binasyny gurmak göz öňünde tutulýandygyny habar berdi.

Türkmenistanyň resmi metbugatynyň habar bermegine görä, wise-premýer Aşgabat şäherinde ýaşaýyş jaý toplumlarynyň sanynyň has-da artýandygyny hem-de paýtagtyň ýaşaýjylarynyň isleglerini nazarda tutup, çagalar sungat mekdebiniň täze binasyny gurmak teklip edilýändigini habar berdi.

Habarda bellenilişi ýaly, bu desgany «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde gurmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow çagalar sungat mekdebiniň täze binasyny gurmak baradaky teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň gün tertibine döwlet durmuşyna degişli birnäçe meseleler girizildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026